# 12 JEMGYÝETIŇ AZYK HOWPSUZLYGY

Hekaýa: Oba hojalygyny ýöretmekdäki özgerişlikler . . . 218
Jemgyýetiň azyk howpsuzlygy diýlip nämä aýdylýar . . . 220
Tejribe sapagy: 10 tohum . . . 221
Azyk howpsuzlygy we iýmitlenme . . . 222
Oba hojalygyk işleri özgerende, iýmit hem üýtgeýär . . . 223
Hekaýa: Iýmitleniş düzgünleriniň üýtgemegi amerikan indeýesleriniň saglygyna täsir etmegi . . . 224
Ýerli azyk howpsuzlygyny kämilleşdirmek . . . 225
Jemgyýetiň azyk taslamalary . . . 226
Hekaýa: AIW we AIDS-den ejir çeken ýetimler üçin ýaş daýhanlaryň meýdan mekdebi . . . 228
Şäheriň azyk howpsuzlygy . . . 229
Hekaýa: Halk dükany . . . 229
Hökümet şäherlerde azyk howpsuzlygyny üpjün etmelidir . . . 230
Şäherleridäki durnukly azyk syýasaty . . . 230
Açlygyň sosial we syýasy sebäpleri . . . 231
Hususy birleşmeler azyk howpsuzlygyna gözegçilik edýär . . . 231
Hekaýa: Gurakçylyga garşy göreşmek üçin ýitip giden tohumlaryň dikeldilmegi . . . 232
Azyk garaşsyzlygy ynsan hukuklarynyň biridir . . . 235
Hekaýa: “Via Campesina” adamlaryň azyga gözegçilik etmeklerini öňe sürýär . . . 235

# JEMGYÝETIŇ AZYK HOWPSUZLYGY



Adamlar sagdyn bolmak üçin, ýokumly önümleri iýmäge çalyşýarlar. Özümiz we maşgalamyz üçin ýeterlik iýmit öndürip, satyn alyp ýa-da alyş-çalyş edip bilmesek, biz açlyga, iýmitlenmäniň bozulmagyna we saglyk kynçylyklaryna duçar bolarys.

Azyk howpsuzlygy – bu her bir adamyň işjeň we sagdyn ýaşaýşy üçin ýylyň dowamynda howpsuz we ýokumly iýmitiniň ýeterlik mukdarda bolmagyny aňladýar. Mundan başga-da, bu iýmitiň jemgyýeti we daşky gurşawy sagdyn saklaýan usullar arkaly öndürilýändigini we bölünýändigini aňladýar. Açlyk birnäçe sebäplere görä döräp bilýär. Arryk toprak, ýerli howa şertleriniň üýtgemegi we suwuň ýetmezçiligi ýaly käbir sebäpler daşky gurşawa baglydyrlar. Bu sebäpler zerarly ýüze çykýan açlygy ekerançylygyň durnukly ýollary bilen (15-nji baba ser.) we ýer, suw baýlygyndan has oňat peýdalanmak bilen aradan aýyrmak bolar (6 we 9-11-nji baplara ser.). Açlygyň beýleki sebäplerine syýasat zerarly ýüze çykýan ýagdaýlar degişlidir: kabul edip bolmajak azyk nyrhlary, azyk önümlerini ösdürip ýetişdirer ýaly ýeriň ýoklugy, bazarlaryň we azyk ulgamlarynyň haýsydyr bir toparyň gözegçiliginde bolmagy we beýleki ýagdaýlar. Suw we beýleki syýasy sebäplere görä dörän açlygy jemgyýetde degişli işleri alyp barmak arkaly aradan aýyrmak mümkin bolar.

Azyk önümlerini öndürmek üçin bize ýer, suw, gurallar, tohumlar we oba hojalyk işlerini nähili alyp barmalydygy barada bilim gerek. Her bir adamy ýeterlik iýmit bilen üpjün etmek üçin, bize adalatly bölüniş, elýeter azyk nyrhlary, ýerli bazarlar we azyk howpsuzlygy zerurdyr. Muňa ýetmek üçin, biz dünýäniň adalatly we durnukly bolmagyny gazanjak bolmaly. Biz her bir adamyň azyk howpsuzlygyny üpjün etmek üçin, ýaşaýyş adalatlygy we sagdyn daşky gurşaw üçin işlemelidiris.

## Oba hojalygyny ýöretmekdäki özgerişlikler

Kombojanyň Preý Weng obasynyň ilaty gadym döwürlerden bäri özlerini eklemek üçin ýeterlik mukdarda şaly ösdürip ýetişdirýärdiler. Mundan başga-da, olar şaly meýdanlaryndaky ýabany ösümlikleri, balygy, ýylan balygy, tokaýdaky ir-iýmişleri, hozlary we ösümlikleriň köklerini, ýabany haýwanlarynyň etini iýýärdiler. Bu iýmit uruş ýa-da suw alma bolmasa, ýylyň dowamynda olaryň sagdynlygyny üpjün edýärdi.

Emma takmynan 40 ýyl mundan ozal, hökümet eksport etmek üçin şalynyň we şuňa meňzeş esasy oba hojalyk medeni ekinleriň birnäçesiniň öndürilişini artdyrmak maksady bilen, ekerançylygyň täze usullaryny öňe sürüp başlady. Bu täze usullar bütin dünýäde oba hojalygynda girizilýän özgertmeleriň bir bölegidi. Ol özgertmeler Ýaşyl Rewolýusiýa atly hereket tarapyndan girizilýärdi. Ýaşyl Rewolýusiýa şalynyň has köp hasylyny almak üçin, adaty usullary däl-de, himiki dökünleriň we pestisidleriň ulanylmagyny goldaýardy. Ol uly suwaryş ulgamlaryny ulanyp, ekini ekmek we hasyly ýygnamak üçin maşynlardan peýdalanýardy.

Täze oba hojalyk usullaryndan peýdalanyp, Pýer Wengiň ýaşaýjylary satlyk üçin köp şaly ýetişdirmegi başardylar. Olar gazanan pullaryny öýlerini abatlamaga, ýollary gurmaga we egin-eşik, radio ýaly hususy zatlary almaga harçladylar. Oba ýaşaýjylary dersi ulanmagy, şalyny gurak döwürde ekilýän medeni ösümlikler bilen gezekleşdirmegi, şeýle hem oba hojalygyň adaty usullaryndan peýdalanmagy bes etdiler.

Täze usullar bir medeni ösümligiň uly ýerlerde ösdürilip ýetişdirmekde oňat netijeleri berip, şalynyň gorlaryny artdyrýardylar. Emma wagtyň geçmegi bilen oba ýaşaýjylary öz ýerleriniň we iýmitleriniň üýtgändigine göz ýetirdiler. Gerbisidler oba ýaşaýjylarynyň öň iýýän ýabany ösümliklerini ýok edipdi. Indi olarda şalydan başga hiç zat ýokdy. Tiz wagtdan meýdanlaryndaky toprak sagdyn medeni ösümlikleri ösdürip bilmedi, şalynyň hasyly bolsa peseldi. Obanyň ýaşaýjylary açlygyň haýsy sebäplere görä dörändigi barada pikir ayşmak üçin ýygnanyşdylar. Olar ýylyň dowamynda medeni ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek üçin garyşyk medeni ösümlikleri, meýdan ekin dolanyşygyny ulanyp, oba hojalyk işlerini alyp barmagyň köne ýollaryny ýatladylar. Olar adaty usullaryň köp artykmaçlyklaryna göz ýetirip, olara dolanmagy makul bildiler. Şeýle hem olar şaly ösümliklerini bir-birine golaý ekmek we bir meýdanda dürli medeni ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek ýaly usullary ulanmaga başladylar.



Ýöne himikatlar aşa köp ulanylansoň, toprak tapdan düşüpdi. Topragyň öňki ýagdaýy dikeldilýänçä, Preý Weng obasynyň ýaşaýjylary açlyk çeken-de bolsa, indi olaryň azygy bol. Olaryň satmaga şalysy az bolsa-da, iýmitleri dürli-dürlüdir. Obanyň Meas Ni diýen ýaşulularynyň biri: “Ekinlerimizi ata-babalarymyzyň usullary bilen ýetişdirýändigimiz üçin, ata-babalarymyz-da bagtyýar, meýdanlarymyz-da mes, biz-de has sagdyndyrys”. – diýip, belleýär.

# Jemgyýetiň azyk howpsuzlygy diýlip nämä aýdylýar?

Jemgyýetdäki adamlar zerur bolan sagdyn azygy ýeterlik mukdarda öndürmekde nähili meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolýandygyna düşünmek üçin, azyk howpsuzlygyny düzýän dürli zatlara göz aýlamaly:

**Önüm öndürmek**
Suwuň, tohumyň, ýeriň elýeter bolmagy; oba hojalyk işlerini nähili alyp barmalydygyny bilmek; satuw we iýmit üçin ösdürilip ýetişdirilen önümleriň arasyndaky deňagramlylygy dogry kesgitlemek.



**Berk jan saglyk**
Ýokumly maddalary özleşdirmek üçin, adamlar sagdyn bolmalydyr. Adamlaryň bedeni hapa suw zerarly ýüze çykýan kesellerden, uzaga çekýän gyzzyrma ýa-da AIW/AIDS keselleri sebäpli gowşanda, olaryň özleri we jemgyýet üçin iýmit öndürmekdäki ukyplary peselýär.

**Pul, tygşytlanan pul we karz**
Iýmitiň haýsydyr bir bölegini satyn almak üçin, adamlara pul gerek. Tohum satyn almak üçin we beýleki harajatlar üçin, aýratyn hem hasylsyz ýyllarda azyk öndürijiler karz almaly bolýarlar.









**Azygy paýlamak we daşamak**
Azygy bazara daşamagyň we bazardan gerek zatlaryny satyn almaklary üçin adamlary bazara äkitmegiň usullary.

**Azygy saklamak**
Adamlar köplenç ygalsyz ýa-da ýagynly, sowuk ýa-da gurak möwsümiň dowamynda azygy 3-4 aýlap saklamaly bolýar. Azyk önümleriniň saklanylýan jaýlary ýa-da ammarlary azygy zaýalap biljek gemrijilerden we mör-möjeklerden goramalydyr. Alakalar siziň azygyňyzyň ýarysyny iýseler ýa zaýalasalar, siz açlyk çekmeli bolarsyňyz.

Pestesidler, zäherli himikatlar bilen zäherlenen ýa-da genetiki özgerdilen önümler (13-nji baba ser.) elýeter bolup biler. Ýöne olar howpsuz we sagdyn iýmitlenmegi üpjün edip bilmezler. Köplenç nahar taýýarlamak üçin howpsuz ýeriň, ýeterlik wagtyň we oduň bolmaýandygy sebäpli, adamlar gaýtadan işlenilen iýmiti köp iýýärler. Bu bolsa soňabaka olaryň saglygyna zyýan ýetirýändir.

**10 tohum**

Bu sapak adamlara azyk howpsuzlygynyň iň wajyp meselelerini kesgitlemäge, jemgyýetiň azyk howpsuzlygyny gowulandyrjak özgertmeleri goldamaga ýardam berer.

**Wagty:** 2 sagat

**Enjamlar:** Her topar üçin 10 sany tohum, dürli ruçkalar ýa-da flomasterler, uly kagyz tagta.

1 8-10 adamdan ybarat toparlar düzüň. Azyk howpsuzlygyny düzýän dürli zatlar barada gürrüňdeş bolmaklaryny toparlardan haýyş ediň. Mysal üçin: azyk önümlerini öndürmek, azygyň saklanylyşy, karz pul, sagdyn iýmit satýan dükanlar we bazarlar, azyk önümlerini ösdürip ýetişdirmek üçin oňaýly ýerler we ş.m. Ekerançylyk, awçylyk we balykçylyk bilen meşgullanýan oba adamlarynyň azyk howpsuzlygy babatda ýüze çykýan meseleler şäher adamlarynyňkydan tapawutlanýandyr. Siz öz ýaşaýan ýeriňizde azyk howpsuzlygyny düzýän dürli zatlar barada gürrüňdeş boluň. Azyk howpsuzlygynyň dürli böleklerini görkezmek üçin, uly kagyzyň ýüzüne suratlary çekiň ýa-da ýazgy ýazyň.

2 Toparlaryň hersine 10 sany tohum paýlaň we olardan azyk howpsuzlygynyň haýsy bölekleriniň jemgyýetde kynçylyk döredýändigini kesgitläp, şol ýere köpräk tohum goýup görkezmeklerini haýyş ediň. Mysal üçin, käbir maşgalalar azyk önümleriniň ýaramaz saklanylyşy, bazara azyk önümlerini alyp gitmek üçin ulagyň ýa-da iýmit almak üçin bazaryň ýoklugy, suwuň ýetmezçiligi, tapdan düşen ýer, ekini zaýalaýan mör-möjekler zerarly açlyk çekýärler. Bu toparlara azyk howpsuzlygynyň iň gowşak ýerlerini kesgitlemäge kömek eder. Jemgyýetde dürli adamlaryň dürli meseleleri bolar. Her biriniň meselesiniň diňlenilýändigine göz ýetiriň.

3 Her topar öz azyk howpsuzlygynyň iň wajyp meselelerini kesgitländen soň, ýerli baýlyklaryň haýsylaryndan peýdalanmalydygyny ara alyp maslahatlaşyň. Önüm öndürmek iň uly mesele bolsa, ekerançylyk usullaryny gowulandyrjak ýa-da ir-iýmiş baglarynyň döredilmegi üçin başarnykly we bilimli adamlar barmy? Azygyň saklanylyşy iň uly mesele bolsa, haýsy çäreler ony gowulandyryp biler? Bazarlar ýok bolsa, sagdyn önümleri satar ýaly kooperatiw dükanlaryny açmagyň ýollary barmy? Adamlara azygy eltmek üçin ýük ulagyny satyn almalymy ýa-da ondan bile peýdalanmalymy? Pikirleriň her biri örän wajypdyr.




4 Mümkin bolan çözgütleri ara alyp maslahatlaşanyňyzdan soň, başga kagyz tagtany alyň we oňaýly çözgütleriň suratyny çekiň ýa-da olar barada ýazyň. Soňra 10 sany tohumy şol çözgütleriň arasynda bölüň. Tohumlaryň köpüsini iň wajyp hasaplaýan meseläňiziň ýanynda goýuň.

5 Her topar meseleleri kesgitländen soň, bile bir uly topara ýygnanyň. On sany tohumy ulanyp ýa-da eliňizi galdyryp, iň wajyp 1 ýa-da 2 meselä ses beriň. Olaryň çözgüdini ara alyp maslahatlaşyň. Bu işe kim gatnaşyp biler? Olar nähili serişdeleri hödürläp bilerler? Işe haçan girişmek bolar? Iki ýyldan jemgyýetde hiç kim açlyk çekmez ýaly, öz öňüňizde uzak möhletleýin maksatlary goýuň. Üç aýyň dowamynda dükan açmak üçin ýa-da ösüp ýetişýän döwre çenli topragy ekişe taýýarlamak üçin jemgyýetçilik serişdelerini ýygnamak ýaly gysga möhletleýin maksatlary hem kesgitläň.

# Azyk howpsuzlygy we iýmitlenme

Adamlar kesellänlerinde ýa-da ýaramaz iýmitlenenlerinde, olaryň azyk öndürmäge, suw daşamaga, öýi arassalamaga, daşky gurşawy sagdyn saklamaga ukyplary we işjeňlikleri peselýär.

Emma sagdyn iýmitiň bahasy elýeter bolup, ol durnukly usul bilen öndürilip, ýerli bazarlarda bar bolsa, adamlaryň iýmitiniň dürli-dürli bolmagyna mümkinçilik döreýär.

Ýaramaz iýmitlenme bedeni gowşadyp, aşakdaky ýagdaýlaryň döremegine sebäp bolup biler:

- güýçli içgeçme (esasan hem çagalarda);
- çagalarda gyzamygyň gaýraüzülmeleri;
- örän kiçi ýa-da maýyp (akyl taýdan haýal ösüşli) çagalaryň dogulmagyna töwekgellikli göwrelilik ýa-da dogrum;
- ganazlyk (anemiýa), esasan hem aýallaryň arasynda;
- inçekeseliň ýygy-ýygydan duş gelmegi we onuň tiz ýitileşmegi;
- bedeniň gandy dogry özleşdirmäge ukypsyzlygy zerarly döreýän süýji keseliniň ýygy-ýygydan duş gelmegi;
- öýken sowuklamasyna we bronhite ýazýan dümew ýaly keselleriň ýygjamlaşmagy;
- AIW ýa-da AIDS bar bolan adamlarda keseller has çalt döreýärler we olara dermanlar gaty gowy täsir etmeýärler;
- silikozyň, demgysmanyň, agyr metallar bilen zäherlenmäniň we zäherli himikatlar bilen galtaşyk zerarly ýüze çykan meseleleriň ýitileşmegi we ýygylaşmagy (16-njy we 20-nji baplara ser.).

Ýaramaz iýmitlenýän çagalar haýal ösýärler we mekdepde gowy okamaýarlar. Olar mekdebe gatnardan juda gowşak bolýarlar. Ýaramaz iýmitlenme, hususan hem, kiçi çagalara degişli mesele bolup, tizara çözülmelidir.

Saglyk bilen bagly bu meseleleri we oňat iýmitlenme barada köpräk bilesiňiz gelse, “Maşgala saglygy” atly kitaby okaň.



**Bu çaga diňe deri bilen süňk bolup galypdyr.**



**Bu çaga bolsa diňe deri, süňk we suw bolup galypdyr.**

## Sagdyn bolmadyk iýmit zyýanlydyr




Adamlaryň azyk önümlerini ösdürip ýetişdirmäge ekin ýerleriniň bolmadyk ýagdaýynda, olar gür ilatly şäherlerde ýaşaýarlar. Olar bazardan sagdyn gök önümleri satyn alyp bilmeýärler, sagdyn iýmitlenmäge kömek edýän medeni adatlaryny ýitirýärler. Olar köplenç ýokumlylygy az, sagdyn däl öňümleri iýmeli bolýarlar. Bu önümler ýokumlylygy aýyrýan usullar bilen arassalanýar, himikatlar bilen gaýtadan işlenilýär, olaryň düzüminde aşa köp şekep we duz bolýar, ýagda gowrulýar. Şeýle iýmit az mukdarda zyýansyz hem bolup biler. Emma adamlar ýokumly önümleriň deregine gaýtadan işlenilen iýmiti iýseler, bedenlerini ýokumly maddalardan mahrum edýärler. Adamlar sagdyn däl önümleri köp iýseler, semizlige ýykgyn bolýarlar. Olaryň saglyk ýagdaýlary hem ýaramazlaşýar. Sagdyn däl iýmit ýokary gan basyşy, ýürek kesellerini, öt daşlaryny, süýji keselini we rak keseliniň käbir görnüşlerini döredip biler. Şoňa görä-de, adamlar köp iýmeseler-de, çendenaşa semiz bolup bilerler.

## Oba hojalyk işleri özgerende, iýmit hem üýtgeýär

Dünýäniň ähli ýerlerinde daýhanlar öz ýerlerinden gitmäge mejbur edilýärler. Ozal ýerli ilat üçin bakja önümleriniň ösdürilip ýetişdirilýän meýdanlarynda indi eksport üçin medeni ösümlikleri ösdürilip ýetişdirýärler. Uly korporasiýalar tarapyndan ýere, tohumlara, bazarlara we azygy paýlamagyň ýollaryna edilýän gözegçilik diňe daýhanlara däl-de, eýsem biziň ählimize zyýanyny ýetirýär.

Sagdyn iýmiti tapmak ýylsaýyn kynlaşýar. Şäherleriň köpüsinde ter ir-iýmişleri we bakja önümlerini satyn alanyňdan, sagdyn däl iýmiti: alkogol içgilerini, bikanun satylýan neşe serişdelerini satyn almak has aňsatdyr. Şeýle ýagdaý bary-ýogy birnäçe nesliň dowamynda biziň iýmitleniş düzgünlerimize uly üýtgeşmeleri girizdi. Biziň ene-atalarymyz esasan ter önümlerden taýýarlanan iýmiti iýipdirler. Şu gün adamlar arassalanan we gaýtadan işlenilen, ýokumsyz, emma düzüminde konserwantlar, tagam beriji garyndylar, reňkleýjiler we beýleki süýjümtiklik berýän maddalar (şeker we mekgejöwen şiresi), duz we ýaglar bar bolan önümleri iýýärler. Şeýlelikde, köpimiz öňkülerden köp iýmit iýýän bolsagam, saglygymyzyň ugry ýok.

## Iýmitleniş düzgünleriniň üýtgemegi amerikan indeýesleriniň saglygyna täsir etdi

Birnäçe nesil mundan ozal amerikan indeýesleriniň awlaýan, çöl ýerlerde ösdürip ýetişdirýän we ýygnaýan sagdyn iýmitleri bardy. Etiň, bakja önümleriniň we ir-iýmişleriniň ýetmedik ýagdaýlarynda, olar “ölmez-öde” iýmiti: ösümlikleriň köklerini, agajyň gabygyny we ownuk haýwanlary ýygnap bilýärdiler.

Emma ABŞ-nyň hökümeti takmynan 100 ýyl mundan öň ýerli halklary rezerwasiýalarda ýaşamaga mejbur edip, olara aw awlamagy we balyk tutmagy gadagan etdiler. Ýerli ýaşaýjylary olaryň öwrenişen iýmitleri bilen üpjün etmegiň deregine, hökümet olara ak un, ak şeker we salo (ýag gatlagy) hödürlediler. Şu günler hem amerikan indeýesleriň köpüsi döwlet azyk önümlerini iýýärler. Rezerwasiýalaryň köpüsinde gowrulan sagdyn däl iýmit elýeter iýmitiň ýeke-täk görnüşidir. Hökümetden azyk önümlerini almaýan adamlar hem köplenç iýmäge başga zadyň azlygy sebäpli, ýaramaz iýmitlenýärler.

Amerikan indeýesleriniň köpüsi semizlik we ýaramaz iýmitlenme bilen baglanyşykly ýürek kesellerinden we beýleki kesellerden ejir çekýärler. Bu olaryň bedenine gerek bolan iýmitiň ýoklugy zerarly we ýokumsyz iýmiti iýmäge mejbur edilendikleri zerarly ýüze çykýar. Häzirki döwürde amerikan indeýesleriniň ölüminiň iň esasy sebäbi süýji keselidir.

Bu mesele amerikan indeýesleriniň käbirini öz medeniýetini, sagdynlygyny, adaty iýmitlenmegini dikeldip başlamaga mejbur etdi. Olar mekgejöweni, kösüklileri we kädini ekýärler, ýabany şalyny ýygnaýarlar, balyk tutýarlar we et almak üçin gäwmişleri bakýarlar. Lakota taýpasyndan saglygy goraýyş işgäri Riçard Demir Bulut: “Medeni däp-dessurlaryň, ýaşaýyş we iýmitleniş aýratynlyklaryň üýtgemegi süýji keseliniň köpelmegine sebäp boldy. Ata-babalarymyzyň iýmitleniş usullaryna dolanyp gelmegimiz keselleriň azalmagyna ýardam berer” – diýip belleýär.



**Dürli ösümlikleri bir ýerde ekmeklik ýaly oba hojalygynyň köne usuly sagdyn iýmiti we topragy geljek nesiller üçin goraýar.**

# Ýerli azyk howpsuzlygyny kämilleşdirmek

Her bir hökümet adamlaryň aç bolmazlygyny kepillendirmäge yhlas etmeli. Milli hökümetler maşgala potraty üçin ýeriň berilmegini öňe sürýän syýasatyny amala aşyryp bilerler. Ol syýasat daýhanlar üçin elýeter göterim bilen karz pul almaga we meselelerini çözmäge kömek edýär, oba hojalyk ýerlerini hapalanmadan goraýar.

Käbir milli hökümetler azyk howpsuzlygyny gowulandyrmagyň usuly hökmünde karz pullary (daýhanlary ýa-da önümi satyn alýanlaryny, ýa-da ikisinem goldamak üçin pul serişdeler) daýhanlara hödürleýärler. Subsidiýalaryň dürli görnüşleri öndürilýän önümlere has ýokary bazar nyrhlarynyň kesilmegine we alyjylar üçin wajyp azyk önümleriniň elýeter bolmagyna gözegçilik edýär.

Ýöne hökümetiň goldawy köplenç nädogry ulanylyp, sagdyn däl azyk önümlerini ýaýradýan we iri senagat ekinlerine eýeçilik edýän birleşmelere hödürlenilýär. Hökümet subsidiýalarynyň iri birleşmeler tarapyndan eýelenmeginiň netijesinde açlyk we horluk öňküdenem erbet bolýar.

Ýöne hökümet goldawynyň bolmadyk ýagdaýynda hem azyk howpsuzlygyny kämilleşdirmegiň birgiden usullary bardyr. Olara kiçiräk baglary döretmekden tä uly daýhan bazaryny döretmek usullary degişli. Olar azyk howpsuzlygyny ýokarlandyryp, gysga wagtyň içinde oňat netijeleri berýärler, adamlary bu ugurda has yhlasly işlemäge höweslendirýärler.



**Ýerli azyk önümleri has sagdyn, ter bolup, ýerli medeniýeti we ykdysadyýeti goldaýarlar.**

# Jemgyýetiň azyk taslamalary

Iýmit ýerli ýagdaýda öndürilende we ýaýradylanda, azyk howpsuzlygy has berk bolýandyr. Ýerli ýetişdirilen iýmit has ter we ýokumly bolýar. Pullar ýerli daýhanlaryň we işewürleriň arasynda aýlanyp, ýerli ykdysadyýeti ösdürýär. Mundan başga-da, azyk howpsuzlygy jemgyýeti gurplandyryp, onuň ýaşaýan ýerlerini has sagdynlaşdyrýar. Ol adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary ýola goýmaga hem kömek edýär. Ilatyň garyp böleginiň ýerleriniň we azyk bazarlarynyň azlyk edýändigi sebäpli, azygy öndürmäge we bölüşdirmäge gözegçiligiň edilmegi olar üçin-de has-da wajypdyr.



**Ilatyň azyk maksatnamalary oba hojalygyny goldaýarlar**

## Ýerli önümleri has köp ösdürip ýetişdirmegiň usullary

Bu taslamalaryň köpüsi ýeriň ýa-da puluň az mukdaryndan başlanylyp bilner. Olar ilaty ter azyk önümleri bilen üpjün etmäge ýardam berer.

- **Maşgala baglary** maşgalany sagdyn bakja önümleri we ir-iýmişleri bilen üpjün edýärler.
- **Mekdep baglary** okuwçylary ter miweler bilen üpjün edýärler. Şeýle hem olar çagalara ir-iýmişi ösdürip ýetişdirmegi öwredip, bu bilimleriň saklanyp galjakgydyna kepil geçýärler!
- **Jemgyýetçilik baglary** hususy ýeri bolmadyk adamlara hem ýygnanyşmaga ýer, hem-de iýmit berip bilýär. Şeýle hem jemgyýetçilik baglary adamlara azyk önümleriniň öndürilişi barada bilim almaga, başarnyklaryny artdyrmaga, restoranlary, bazarlary gurnamak ýaly telekeçilik işini başlamaga kömek edýärler. Hatda kiçiräk baglar hem azyk howpsuzlygyna uly üýtgeşmeleri girizip bilerler.
- **Oba hojalygy.** Ilat tarapyndan goldanylýan oba hojalygy, mysal üçin, daýhanlar öz azyk önümlerini gönüden-göni alyjylara satýarlar. Ekinler ekilip başlanmazdan öň, adamlar daýhanlara töleýärler, soňra hasyl möwsüminiň dowamynda her hepdede ter miwe, bakja önümlerini we beýleki azyk önümlerini alýarlar. Şeýle etmek bilen, alyjylar daýhanlaryň ýerli we işli bolmaklaryna, özleriniň hem azyk önümleri bilen doly üpjün edilmegine ýardam berýärler.
- **Tohumlary gorap saklamagyň maksatnamalary** tohum bilen üpjün edijilere tohumlaryň elýeter bolmagy üçin degişli şertleri döredýärler. Tohumlaryň dürli-dürlüligi – oba hojalygyny durnukly ýöretmegiň we ilatyň esasydyr (15-nji baba ser.). Jemgyýetçilik azyk maksatnamalary agromedeniýeti (ekerançylygyň, ýer işleriniň tehnikasyny gowulandyrmaga gönükdirilen çäreleriň, usullaryň jemi) gorap saklamaga hem kömek edýärler.

## Adamlary adalatly nyrhdan sagdyn iýmit bilen üpjün etmek

Biziň günlerimizde dünýäde ähli adamlar üçin ýeterlik iýmitiň öndürilýändigine garamazdan, adamlar açlyk çekýärler. Käte bu azyk nyrhynyň garyp adamlar üçin gymmatdygy sebäpli bolýar. Sagdyn iýmit köplenç garyplar üçin elýeter bolmaýar. Satyjylar üçin hem, alyjylar üçin hem adalatly nyrhlary üpjün etmek üçin, hökümetiň goldawy ähmiýetlidir. Adalatly nyrhdan sagdyn azyk önümleri bilen üpjün etmek maksady bilen ýerli çäkde işleýän adamlaryň ulanýan käbir usullary aşakdakylary öz içine alýar:



- Daýhan bazarlary azygy bazara ýetirmek üçin ulag töleglerini we alyp-satarlaryň sanyny azaldýar. Şoňa görä-de, daýhan köpräk gazanyp, alyjylar bolsa azrak töläp bilýärler. Şeýle hem daýhan bazarlary alyjylara önümi ösdürip ýetişdiren adamlar bilen duşuşmaga we gürrüňdeş bolmaga mümkinçilik berýärler. Bu bolsa daýhanyň alyja näme gerekdigini bilmäge, alyja bolsa özlerine azyk önümlerini getirmek üçin daýhanlaryň näme edýändigini bilmäge kömek edýär.
- Azyk birleşmeleri – bu bazarlardaky iýmiti şol ýerde işleýän adamlar satyn alýarlar. Bazar bölekleýin ýa-da tutuş şol adamlaryň eýeçiliginde bolýar. Azyk birleşmeleriň agzalary bazarda işläp berendikleri üçin, iş hakynyň bir böleginiň hasabyna azyk önümlerini alýarlar. Azyk birleşmeleriniň köpüsi ýerli ösdürilip ýetişdirilen azyk önümlerini satyn almaga we satmaga ýykgyn edýärler.
- Daýhan kooperatiwleri daýhanlaryň öz ösdürip ýetişdiren önümlerini ýokary bahadan satmaga, ýöne şonda-da alyjylara iň oňat bahalary hödürlemäge kömek edýärler. (313-nji sah. ser.).

## Iýmiti howpsuz şertlerde saklamak

Azyk önümlerini ösdürip ýetişdirmek we azygyň elýeter bolmagy örän wajypdyr. Munuň bilen birlikde, iýmitiň howpsuz saklanylyşy hem wajypdyr. Gurakçylyk, suw alma, zyýanly mör-möjekler, gemrijiler we keseller maşgalany ýa-da tutuş jemgyýeti ýeterlik iýmitsiz ýa-da satlyk zatsyz goýup bilerler.

Azyk önümleriniň saklanylyşynyň jemgyýetçilik maksatnamalary bu meseleleriň çözgüdini tapmaga kömek edip bilerler. (Azygyň saklanylyşy we onuň zyýanly mör-möjeklerden, gemrijilerden goralyşy barada 305-nji sah. ser.; Azygyň öý şertlerinde zaýalanmagynyň öňüni almak usullary barada 375-nji sah. ser.).

Mysal üçin, Ýuwaş ummanyndaky Temotu adasyndaky tupanlar ýygy-ýygydan ekinleriň köpüsini ýok edýärler. Azyk howpsuzlygyny gowulandyrmak maksady bilen ýerli ýaşaýjylar turşap başlan manioklar, ýetişmedik atgulaklar, bananlar we çörek agajynyň miweleri üçin uly çukurlary gazýarlar. Şol çukury doldurmaga her bir adam öz goşandyny goşýar. Ekinler ýok edilip, adamlara açlyga sezewar bolanda, olar şol çukurda saklanýan azyk önümlerini iýýärler.

Azyk ammarlary – mätäçlere paýlamak üçin azygyň ýygnalýan ýeri. Azyk ammarlary köplenç açlyk döwürlerinde kömek edýärler. Adamlaryň olara öwrenişip, garaşly bolmaklary mümkin. Şonuň üçin uzak möhletleýin azyk howpsuzlygy üçin bu iň amatly çözgüt däldir. Tutuş sebitde açlyk bolanda, olara azyk babatdaky kynçylyklary ýeňip geçmäge halkara agentlikleri hemaýat edip bilerler. Azyk hemaýaty azyk howpsuzlygynyň gysga möhletleýin çözgüdidir, emma ol azyk garaşsyzlygynda uzak möhletleýin zerurlygy aradan aýyrmaýar (235-nji sah. ser.).

## AIW/AIDS-den ejir çeken ýetimler üçin ýaş daýhanlaryň meýdan mekdepleri



Afrikanyň köp ýerlerinde bolşy ýaly, Mozambikde hem ene-atalary AIW/AIDS-den ýogalandygy sebäpli, müňlerçe çagalar ýetim galdylar. Oba ýerlerinde ýaşaýan ýetim çagalaryň güni kyn bolýar. Olar jynsy taýdan ulanylma, ýaramaz garaýyşlar, keseller, açlyk we ş.m. howplaryň astynda ýaşaýarlar. Ene-atasy aradan çykansoň, çagalaryň köpüsi maşgalabaş bolmaly bolýarlar, eklenjiň aladasyny etmäge mejbur bolýarlar. Obalarda işlemek üçin mümkinçilikleriň azdygy sebäpli, bu has hem kyn meselä öwrülýär. Daýhanlar maşgalasyndan çykan bolsalaram, ol çagalaryň köpüsi oba hojalygyny nädip ýöretmelidigini bilmeýärler. Sebäbi ölmezlerinden öň, olaryň ene-atalary kesel zerarly öz bilimlerini çagalaryna öwretmäge ýagdaýlary bolmandyr.

BMG-niň Bütindünýä azyk maksatnamasynyň, Azyk we oba hojalyk guramasynyň kömegi bilen, Meýdan mekdepleri we ýaş daýhanlaryň durmuş mekdepleri AIDS-den ejir çeken köp sanly ýetimleriň aladasyny edip başladylar. 12-18 ýaş aralygyndaky ýaşlar bu mekdeplerde bile işläp, oba hojalygyny ýöretmek, iýmit, derman ösümlikleri we ýaşaýyş endikleri barada bilim alýarlar.

Ýaşlar meýdany ekişe taýýarlamagy, ekini göçürip oturtmagy, haşal otlary aýyrmagy, suwarmagy, zyýankeşlere garşy göreşmegi, resurslardan peýdalanmagy we olary goramagy, medeni ekinleriň gaýtadan işlenilmegini, hasyly ýygnamagy, iýmiti saklamagy we satmak endiklerini öz içine alýan oba hojalygyny ýöretmegiň täze usullaryny hem-de adaty usullaryny öwrenýärler.

Tanslar we aýdymlar ýaşlaryň özlerine bolan ynamy berkidip, ýaşaýyş endiklerini ösdürýärler. Teatr, söhbetdeşlik toparlary AIW/AIDS-iň we gyzzyrmanyň öňüni almak, jynsy deňligi, çagalaryň hukuklary ýaly wajyp durmuş meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin ulanylýar.

Biziň günlerimizde Mozambikde Meýdan mekdepleriniň we ýaş daýhanlaryň durmuş mekdepleriniň 28-si işleýär. Şeýle mekdepler Keniýada, Namibiýada, Zambiýada, Swazilende we Tanzaniýada bar. Ýetimleriň müňlerçesi daýhanlar bolup ýetişdi. Mekdebiň uçurymlary okuwy tamamlanlaryndan soň, ekin satyp alan pullarynyň hasabyna kiçiräk hususy daýhan hojalyklaryny döredýärler. “Biz mekdepleri işledip başlamyzda, çagalaryň gelejegi ýokdy. Olaryň köpüsi ýük ulaglarynyň sürüjileri bolasy gelýärdi, sebäbi olar muny ýeke-täk çykalga diýip oýlaýardylar. Indi olar mugallym, agronom, daýhan we inžener bolmagy isleýärler”, – diýip, mekdep işgärleriniň biri gürrüň berýär.

## Şäheriň azyk howpsuzlygy

Dünýädäki adamlaryň köpüsi şäherlerde ýa-da olaryň töwereklerinde ýaşaýarlar. Köp adamlar bosgunlaryň düşelgelerinde ýaşaýarlar. Şeýle düşelgeleriň ýaşaýyş we arassaçylyk şertleri örän ýaramaz bolýar. Ol ýerde iş ýetmezçiligi, suw we sagdyn iýmit ýetmezçiligi uludyr. Emma şäherdäki adamlaryň azyk howpsuzlygy has oňat bolýar. Sebäbi olaryň işi, puly bolup, saglyk üçin oňaýly, howpsuz durmuş şertlerinde ýaşaýarlar. Şeýle şertlerde olar has gowy azyk önümlerini satyn alyp we iýip, iýmiti taýýarlap we saklap bilerler. Olar hatda, şäher baglarynda öz önümlerini ösdürip ýetişdirip hem bilerler.

### Halk dükany



Birleşen Ştatlaryň köp ýerlerinde bolşy ýaly, West Oklendde (Kaliforniýa ştaty) alkogol içgileri we sagdyn däl iýmiti satýan dukanlaryň sany sagdyn we ter önümleri hödürleýän dükanlardan artykdyr. Sagdyn azyk önümlerini satýan dukanlaryň jemgyýetdäki adamlaryň köpüsi üçin ýokary nyrhlary belländikleri sebäpli, West Oklendde köpler nädogry iýmitlenmekden we aşa semizlikden ejir çekýärler. Arakhorlugyň, neşekeşligiň, zorlugyň höküm sürýän jemgyýetinde ýaşamak howply bolýar. West Oklendde 4 adamyň biri adatdan daşary azyk maksatnamalaryna garaşlydyr.

Bu ýagdaýy görüp, birnäçe adam ilata elýeter bahadan sagdyn azyk önümlerini hödürlemek üçin ýygnandylar. Olar pul ýygnap, ýük ulagyny satyn aldylar. Ýük ulaglaryny açyk reňklere boýap, oňa meşhur sazlary ýaňlandyrýan stereo ulgamyny oturtdylar. Olar her hepdede şäheriň beýleki künjeklerindäki daýhan bazarlaryna baryp, miwe we bakja önümlerini getirip başladylar. Adamlaryň üýşýän köçeleriniň çüňklerinde ulaglaryny goýup, olaryň ünsüni çekmek üçin saz goýberýärler we ter önümleri arzan bahalardan satýarlar. Bu dükanyň satyjylary gök önümlerini we ir-iýmişlerini satanlarynda, adamlara sagdyn iýmitlenmäniň esaslarynyň, saglyk ýörelgesiniň ähmiýeti barada gürrüň berdiler.

Bu işiň düýbüni tutan adamlar öz göçme bazarlaryny Halk dükany diýip atlandyrdylar. Olar jemgyýetiň beýleki agzalaryny hem hyzmatdaşlyk etmäge çagyrdylar. Käbir adamlar miwe we bakja ekinlerini ösdürip ýetişdirmek üçin, jemgyýetçilik baglaryny döretmek kararyna geldiler. Olaryň ýetişdiren gök önümlerini we ir-iýmişlerini ýük ulagyndaky azyk dükanynda satyp boljakdy. Ýaşlar we garrylar bilelikde işläp, azyk önümlerini ösdürip ýetişdirmek barada bilim aldylar. Beýleki adamlar öz hususy baglaryny ekdiler. Şol baglaryň önümleriniň köp bölegi ýük ulagyndaky Halk azyk dükanynda satyldy.

Halk dükany oňat üstünlikler gazanansoň, ol şäher häkimliginden ýer, pul serişdelerini we mahabatlandyrmaga ygtyýar bermegini soraýar. Olary hökümetiň goldawy we taslamalarynyň kömegi arkaly has köp adamy azyk bilen üpjün edip biljekdigine ynandylar.

Halk azyk dükany West Oklendde hemmeler üçin azyk howpsuzlygyny gowulandyryp, ýerli azyk ulgamyny we ykdysadyýeti gurmagy dowam edýär. Halk azyk dükanynyň pikiriçe diňe garyp ýa-da şäherde ýaşaýandygy sebäpli hiç bir adam aç bolmaly däldir. Olar: “Azyk howpsuzlygyny üpjün etmek üçin, bize azyk adalaty gerekdir” – diýýärler.

## Hökümet şäherlerde azyk howpsuzlygy üpjün etmelidir

Ýük ulagyndaky göçme dükan baradaky hekaýa şäherdäki garyp jemgyýet gatlaklaryň öz azyk howpsuzlyklaryny üpjün etmekdäki işlerini beýan edýär. Olaryň işläp düzen maksatnamasy adamlaryň köpüsine kömek etse-de, azyk howpsuzlygynyň meselelerini doly çözmeýär.

- Näme üçin West Oklenddäki adamlaryň sagdyn iýmiti ýokdy?
- Halk azyk dükany ýerli ilaty sagdyn iýmiti iýmäge nädip höweslendirdi?
- Taslama kömek etmek üçin, Halk azyk dükany beýleki toparlaryň ýa-da edaralaryň haýsylary bilen hyzmatdaşlyk edip bilerdi?
- Siz jemgyýetiň azyk howpsuzlygyny gowulandyrmak üçin nähili kömek edip bilersiňiz?



## Şäherlerdäki durnukly azyk syýasaty

Uzak möhletleýin azyk howpsuzlygy üpjün etmek üçin, şäher ýaşaýşyny we ösüşini ara alyp maslahatlaşmak zerurdyr. Ulaglaryň, okuwlaryň, işe ýerleşmegiň, täze jaýlaryň we göçüp barýanlar üçin ýerleriň meýilnamalaşdyrylmagyna jogapkär adamlar şäher ýaşaýjylarynyň azyk bilen üpjün edilmekleri barada hem pikirlenmelidirler. Jemgyýetçilik baglary üçin ýerleri bermek, bazara daşamagy ulaglaşdyrmak, mekdeplerde sagdyn iýmiti mahabatlandyrmak, azyk howpsuzlygyny öwretmek we ş.m. teklipleriň ählisi adamlara kömek berer. Mundan başga-da, olar gelejekde iň oňat azyk howpsuzlygy üpjün etmek üçin ýerli hökümetler tarapyndan peýdalanylyp bilner.




**Elýeter bahadan sagdyn azyk satýan dükanlar ilatyň sagdyn bolmagyna ýardam berýärler.**

# Açlygyň sosial we syýasy sebäpleri

Açlyk ýaramaz toprak, klimatyň üýtgemegi, suwuň ýetmezçiligi ýaly sebäplerden döräp biler. Emma jemgyýetleriň köpüsinde açlyk köplenç garyplyk zerarly döreýändir. Daýhanlaryň girdejileri az ýa-da ýok bolanda, azyk satyn almak üçin puluň ýetmedik ýagdaýynda adamlar aç galýarlar. Belli bir jemgyýetde garyplygyň we açlygyň sebäplerine düşünmek üçin, her bir topara täsir edýän azyk howpsuzlygynyň meselelerini öwrenmek örän peýdalydyr.




**AÇLYGYŇ SOSIAL WE SYÝASY SEBÄPLERI**

## Hususy birleşmeler azyk howpsuzlygyna gözegçilik edýär

Azyk önümlerine ähli adamlar mätäçdir. Hemmeleriň sagdyn iýmitlenmäge hak-hukuklary bardyr. Ýöne bu wajyp zatlar ýatdan çykarylyp, käbir adamlaryň ýa-da iri hususy birleşmeleriň gara nebisleri öňe geçse, jemgyýetiň saglygy zyýan çekýär. Adamlaryň köpüsi azyk önümlerini iri hususy birleşmeleriň dükanlaryndan alýarlar. Iri hususy birleşmeler bolsa, öz önümçiliginde pestisidleri giňden ulanýandyr.

Iri hususy birleşmeleriň gözegçiliginiň giň gerime eýe bolan ýerlerinde, daýhanlar bergidar edilip, olar ýerlerini taşlap gitmäge mejbur bolýar. Şeýle birleşmeler ýetişdiren önümlerini sebitden daşary satmak üçin ýerleri ulananda, şol jemgyýetde işleýän we ýaşaýan adamlar başga ýerlerden getirilen iýmiti iýmeli bolýarlar (olary satyn almaga gurbatlarynyň çatan ýagdaýynda).

Iri hususy birleşmeler şeýle „azyk howpsuzlygyndan“ uly girdeji alýarlar. Jemgyýetdäki adamlar we tutuş ýurtlar bolsa azyk babatda dünýä bazaryna garaşly bolýarlar. Bazar adamlaryň azyk zerurlyklaryny kanagatlandyryp bilmese, adamlar açlyk çekýärler. Iri hususy birleşmeler bolsa azygy kömek hökmünde paýlamak üçin hökümete satyp, peýda görmeklerini dowam edýärler.

Adamlar azyk howpsuzlyklaryna özleri gözegçilik etmeseler, iri birleşmeler açlyk ýagdaýyny öz hususy bähbitleri üçin ulanarlar.

## Gurakçylyga garşy göreşmek üçin ýitip giden tohumlaryň dikeldilmegi



Bir wagtlar Zimbabweniň daýhanlary dänelik ekinleriniň köp görnüşlerini ekýärdiler. Geçen asyryň 60-njy ýyllarynda, ýagny Ýaşyl Rewolýusiýa wagtynda halkara agentlikler daýhanlara ekmek üçin mekgejöweniň täze görnüşini hödürlediler. Mekgejöweniň gibridi däneleriniň iriligi, çalt ösýänligi we aňsat satylýanlygy bilen daýhanlara ýarady. Hökümet olaryň ekinleriniň köp bölegini satyn alyp, soňra ony gaýtadan Zimbabweniň azyk ýetmeýän şäherlerine we başga ýurtlara satdy. Wagtyň geçmegi bilen mekgejöwen Zimbabwede iň giň ýaýran iýmite öwrüldi.

Birnäçe ýyldan gurakçylyk boldy. Zimbabweniň we Günorta Afrikanyň beýleki ýurtlarynyň meýdanlaryna ygal az ýagdy. Mekgejöwen ýaramaz ösensoň, iýmäge zat azdy. Maşgalalaryň köpüsi mekgejöweni açlyk döwrüne niýetläp, ýygnap goýupdyrlar. Emma onuň köp böleginiň çüýrändigi mälim boldy. Bu örän geňdi, sebäbi olaryň ösdürip ýetişdirýän darysy we jöweni öňler köp möwsümleriň dowamynda zaýalanman saklanýardy.

Ahyrsoňy köp garaşylan ýagyş ýagdy. Ýöne bu ýagyş ösümlikleri kökleri bilen goparýan tupan görnüşinde ýagyp, guran meýdanlaryň topragyny syryp äkitdi. Zimbabwedäki açlyk şeýle bir güýçlendi welin, hökümet BMG-den azyk kömegini soramaga mejbur boldy. Mekgejöweniň köp mukdary uçarlar bilen getirilip, ýurtdaky açlyk çekýän ähli adamlara paýlanyldy. Emma azyk kömegi we täze gibrid-tohumlary azyk howpsuzlygynyň we açlygyň gysga möhletleýin meselelerini çözüp bilmediler.

Daýhanlar ýagyş ýagdyryp bilmeseler-de, oba hojalyk işlerini ýöretmegiň usullaryny üýtgedip biljekdiklerine göz ýetirdiler. Daýhanlar Zimbabwede hemişe gowy ösýän jöwen we dary ýaly kiçi dänelik ekinleriniň tohumlaryny ýygnap, olary ekip başladylar. Daýhanlar ýygnap bilen tohumlarynyň ähli görnüşlerini ekdiler. Gurakçylyk ekinleriň bir görnüşini ýok edäýende-de, ekiniň käbir görnüşleri gögermelidi. Güýçli ýagyş ýaganda, topragy ýuwup aýyrmaz ýaly, käbir daýhanlar hasylyň galyndylaryny meýdanda çüýremäge galdyrdylar. Indiki ekiş möwsüminde toprak ýumşak we mes boldy. Hemişe bir zat ösüp durar ýaly, käbir daýhanlar däne ekinlerini ýygnanlardan soň, mallaryna iým bolar ýaly, kösükli ekinleri ekdiler. Mundan başga-da, kösükli ekinler topragy süýşmeden goramaga we baýlaşdyrmaga ýardam berdiler.

Zimbabwede heniz-de ýagyşlar öňküsinden az ýagýar. Ýöne käbir daýhanlar başga ýerden getirilen tohumlara ýa-da halkara azyk kömegine bil baglamaýarlar. Gurakçylyga döz gelip biljek ekinleri ösdürip ýetişdirmek bilen, olar açlygynyň öňüni almaga has ukyply boldular.

## Ýaşyl Rewolýusiýanyň oba hojalygyny ýöretmekde ulanan usullary

Geçen asyryň 60-njy ýyllarynda başlan Ýaşyl Rewolýusiýasynyň döwründen bäri, iri hususy birleşmeler we halkara agentlikler “gowulandyrylan tohumlaryň”, himiki dökünleriň we pestisidleriň kömegi bilen “dünýäni iýmitlendirip” biljekdiklerini mälim edýärdiler. Oba hojalyk ýerlerine, tohum gorlaryna, satuw ulgamlaryna, paýlama we beýleki zatlara gözegçiligi öz ellerine alan bolsalar hem, olar dünýädäki açlygy togtadyp bilmediler. Tersine, ýagdaý has-da erbetleşdi.

## Suw ýetmezçiligi

Ekinler üçin suw gerek bolýar. Iri hususy birleşmeleriň ulanýan suwunyň mukdary günsaýyn artansoň, ownuk ýer eýelerine suwaryş suwlarynyň mukdary günsaýyn azalýar. Suw hapalansa ýa-da hususy eýeçilikde bolsa, suwdan peýdalanmaga bolan hukuk howp astyna düşýär (6-njy baba ser.). Topragy dolandyrmak we suw serişdelerini gorap saklamagyň birgiden usullary bar (9-njy we 15-nji baplara ser.), ýöne olar adamyň suwa bolan hukuklaryny goldaýan hökümetler we halkara agentlikler tarapyndan goralyp, öňe sürülmelidir.





## Ýeriň ýitirilmegi

Ýeriň köp bölegi birnäçe adama ýa-da hususy birleşmelere degişli bolsa, bu ýagdaý köp sanly azyk kynçylyklarynyň döremegine sebäp bolýar. Ownuk ýer eýeleriniň köpüsi öz ýerlerini taşlap, şäherlere göçüp gitmäge ýa-da plantasiýalarda we zawodlarda işlemäge mejbur bolýarlar. Adamlar azyklyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmäge ýerleriniň we sagdyn iýmit satyn almak üçin pullarynyň ýokdugy sebäpli açlygyň, horlugyň pidalary bolýarlar.

Iri hususy birleşmeler adatça ekinleriň diňe bir görnüşini ekýärler, az adam işledýärler, maşyn enjamlarynyň, himiki dökünleriň, pestisidleriň, gerbisidleriň köp mukdaryny ulanýarlar. Olar ýetişen önümleri uzak ýerlere, köplenç başga ýurtlara iberip satýarlar. Bu iýmitiň dürlüligini azaldyp, iýmiti has ýaramazlaşdyrýar, oba hojalyk işgärleriniň girdejilerini kemeldýär, daşky gurşawa haş köp zyýan ýetirýär we ýerli azygyň elýeter bolmagyna ýol bermeýär. Mundan başga-da, bu ýerli ekinlere zyýan ýetirýär, sebäbi adamlar ekinlerini ösdürip ýetişdirmekde we topragyň aladasyny etmekde indi öz adaty usullaryny ulanyp bilmeýärler.

## Karz almagyň we bazarlaryň elýeter bolmazlygy

Oba hojalygyny ýöretmek howa we bazar nyrhlaryna bagly bolansoň, käte daýhanlar hasyl möwsümine çenli we bazar ýagdaýy gowulanýança karzyna pul almaly bolýarlar. Banklar ownuk daýhanlara pul karz bermekden ýüz öwrüp, puly iri hususy birleşmelerine karz berýärler. Bu ýagdaý daýhanlary we olaryň maşgalalaryny açlyk çekmäge mejbur edýär. Olar köplenç öz ýerlerini bermäge hem mejbur edýär.

## Migrasiýa

Adamlar öz ýaşaýan ýerlerini taşlap, başga ýerlere göçmäge mejbur bolanlarynda, ekin ekip, hasyl ýetişdirmek baradaky bilimlerini hem ýitirýärler. Ýaşlar oba hojalygy ýöretmegi öwrenmän şähere gitseler, olar hiç wagt öz çagalaryna oba hojalygyny ýöretmegi öwredip bilmezler. Bu ýagdaý ýerleriň ýitirilmegine sebäp bolup biler.

## Epidemiki keseller

Bütin dünýäde AIW/AIDS, inçekesel, gyzzyrma ýaly keselleriň millionlarça adamlary öldürýän döwründe açlyk we kem iýmitlenme gitdigisaýy güýjeýär. Maşgalalar we jemgyýet tutuş nesilleri ýitirýärler. Bu nesiller köplenç iýmit öndürmekde iň işjeň bolan nesillerdi. Azyk önümleriň öndürilişi peselýär. Ökde daýhanlar garrap aradan çykýarlar. Olaryň ekerançylyk baradaky bilimleri hem olaryň ýogalmagy bilen ýitip gidýär. Ýokarda agzalan keselleriň öňüni almak we olary bejermek diňe açlyga we kem iýmitlenmä ýol bermezlik bilen çäklenmän, eýsem tutuş jemgyýetiň azyk howpsuzlygy üçin hem örän wajypdyr.

## Bilim ýetmezçiligi

Köp ýerlerde adamlar azyk önümlerini öndürmek baradaky adaty bilimlerden mahrum boldular. Üýtgäp duran howa, hasylly ýeriň azlygy, jemgyýetiň köp ilatlylygy ýaly tiz-tizden üýtgäp durýan şertlerde köne usullar indi peýda bermeýärler. Adamlar iýmiti nähili öndürmelidigini bilmeseler, açlygyň ýüze çykyp, azyk howpsuzlygynyň ýitirilmegine sebäp bolýar. Daýhanlaryň meýdan mekdepleriniň, ýaş daýhanlaryň ýaşuly daýhanlar tarapyndan okadylmagynyň maksatnamasynyň we oba hojalygynyň wagyz etmek gullugynyň üsti bilen bilimleriň goldanylmagy, okuwlaryň geçirilmegi meseläniň çözgütleriniň biridir (316-njy sah. ser.).



**Açlyk azygyň ýetmezçiliginden döreýär.**
**Azyk ýetmezçiligi bolsa adalatyň ýetmezçiliginden döreýär.**

# Azyk garaşsyzlygy ynsan hukuklarynyň biridir

Her bir adamyň medeni taýdan özüne laýyk, sagdyn we howpsuz azyga hukugy bardyr. Azyk garaşsyzlygy – bu biziň hususy azyk ulgamymyzy kesgitlemäge ygtyýarlydygymyza, jemgyýetiň azyk howpsuzlygynyň bardygyna göz ýetirmekdir.

## Vía Campesina adamlaryň azyga gözegçilik etmeklerini öňe sürýär

Ownuk hususy daýhan hojalyklary köpüsi ýetişdiren hasyllaryny kabul ederlik nyrhdan satyp bilmeýärler. Sebäbi halkara söwda düzgünleri diňe baý ýurtlaryň we iri ýer eýeleriň bähbitlerini araýarlar. Başga ýerlerden getirilen azygyň bahalarynyň has arzanlygy sebäpli, daýhanlar hatda ýerli bazarlarda hem öz harytlaryny kabul ederlik nyrhlardan satyp bilmeýärler. Bu ýagdaý daýhanlary azygy arzan nyrhlardan satmaga mejbur edýär. Olary öňküden hem beter bergidar, garyp, aç galdyrýar.

Bu meseläni çözmek üçin, ýurtlaryň köpüsinde daýhanlar “Vía Campesina” (isp. “Daýhan ýoly”) diýen hereketi döredýärler. “Vía Campesina” daýhançylyk guramalarynyň köpüsini birleşdirýär. Onuň esasy maksady – daýhanlaryň elýeter azyk bahalaryny kabul etmek ukybyny güýçlendirmekden ybarat. “Vía Campesina” ýeri we suw serişdelerini saklamak we azygyň öndürilişine we bölünişine gözegçilik etmek üçin daýhanlary birleşdirýär.

“Vía Campesinanyň” pikiriçe, azyk howpsuzlygy diňe azyk garaşsyzlygynyň üsti bilen amala aşyrylyp bilner: maldarlar we daýhanlar haýsy önümleri öndürmelidigini, olary näçeden satmalydygyny, alyjylar hem nämäni ulanmalydygyny, kimden satyn almalydygyny özleri çözmelidir.

Käbir ýerlerde “Via Campesina” syýasy işgärleri we guramalary gyssap, olardan ýerli daýhançylyk kärdeşler arkalaşyklarynyň talaplaryny kanagatlandyrmagy talap edýär. Beýleki ýerlerde ol ulanylmadyk oba hojalyk ýerleriniň dikeltmekçi bolýan ýersiz daýhanlary goldaýarlar. Şeýle hem “Via Campesina” azygy iň mätäçlere adalatly paýlajak ýerli edaralaryny gurmaga kömek edýärler.

2005-nji ýylda bolan ýertitreme we sunami (örän uly joşgun tolkuny) Indoneziýany weýran edende, heläkçilige uçran adamlaryň köpüsi daýhanlardy we balykçylardy. “Vía Campesina” hemeýatçylyk edip, azyk we beýleki materiallary diňe başga ýerlerden getirmek bilen çäklenmän, ýerli edaralar bilen ýerli ownuk öndürijilerden azyk, gurallary we beýleki materiallary satyn almakda hyzmatdaşlyk etdiler. Olar azyk kömeginiň çeşmelerini (ýerli ýa-da başga ýerlerden getirilen) dikeldiliş işleri nädip alyp barmaly (ol maşgala önümçiligini mi ýa-da iri azyk birleşmelerini goldaýarmy), we ýerli edaralary nädip kuwwatlandyrmaly, olaryň kömege garaşly bolmazlygy üçin haýsy çäreleri geçirmeli diýen wajyp soraglary gozgaýarlar.

“Daýhan ýolunyň” ýygnan pullarynyň köp bölegi balykçylaryň jaýlarynyň we gaýyklarynyň dikeldilmegine, daýhanlar we balykçylar üçin täze iş gurallaryny ýasamaklyga, oba hojalyk ýerleriniň önümçilik üçin dikeldilmegine sarp edildi. Heläkçilige uçran adamlaryň öz-özlerini üpjün etmekleri üçin degişli şertleri döredip, “Daýhan ýoly” gysga möhletleýin dikeldişi däl-de, uzak möhletleýin azyk garaşsyzlygyny goldady.